TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

**Bahar Hojagulyýewa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy,*
*taryh ylymlarynyň kandidaty*

# MAGTYMGULYNYŇ PARAHATÇYLYKSÖÝÜJILIK GARAÝYŞLARY WE HÄZIRKI ZAMAN HALKARA ÝÖRELGELERI

Türkmen halkynyň asyrlaryň jümmüşinden öz taryhy köklerini alyp gaýdýan baý mazmunly medeni mirasy bardyr. Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiligi halkymyzyň medeni-taryhy mirasynda aýratyn orny tutýar. Nusgawy edebiýatyň görnükli şahyrynyň goşgularynda türkmen halkynyň dünýägaraýşy beýan edilýär, halkyň ruhy gymmatlyklary, şeýle hem arzuw-umytlary şöhlelendirilýär. Magtymgulynyň edebi mirasy adamzat paýhasyna, aňyna iňňän gymmatly goşant bolup hyzmat edýär. Gahryman Arkadagymyz şeýle belleýär: «Magtymguly Pyragy ylmyň, edebiýatyň, dünýä medeniýetiniň özünden öňki gazananlaryny akyl eleginden geçirip, dürdäne eserleri döretdi. Beýik şahyr türkmen şygryýetiniň we türkmen diliniň taryhynda uly özgerişlikleriň başyny başlady. Onuň umumadamzat medeni-ruhy hazynasyna giren şygyrlary bu gün dünýä dilleriniň köpüsinde ýaňlanýar. Magtymguly Pyragynyň danalyga püre-pür şahyrana eserleri türkmen poeziýasyny dünýä tanatdy» [1, 133 s.].

XVIII asyr türkmen halky üçin muşakgatly döwürleriň biri boldy. Şol döwürde türkmen edebiýatynda we medeniýetinde düýpli özgerişlik bolup, şygryýetde öňki döwürlerdäkä meňzemeýän täze ugur peýda boldy. Esasan hem, bu döwrüň goşgularynda watançylyk, dost-doganlyk duýgusy has ösdi we güýçlendi. Döwletmämmet Azadynyň ogly Magtymguly Pyragy şeýle häsiýetdäki goşgularyň esasyny goýujy hasaplanýar [5, 67 s.]. Çünki beýik akyldaryň goşgulary öz halkynyň isleg-arzuwlaryny beýan edýär.

Şahyr eserleriniň ählisinde beýik ynsanlyk häsiýetlerini: hallallygy, ululara hormaty, zähmetsöýerligi, öňdengörüjiligi, batyrlygy, hakykatçyllygy we birek-birek bilen düşünişmekligi ýokary derejede wagyz edipdir. Magtymgulynyň şygryýeti bilen içgin tanşanyňda, onuň öz döwrüniň jemgyýetçilik we syýasy gatnaşyklary, durmuş-ykdysady ýagdaýlary, türkmenleriň hem-de beýleki halklaryň medeniýeti we däp-dessurlary bilen çuňňur gyzyklanan ussatlaryň biri bolandygyna göz ýetirmek bolar. Şahyr köp syýahatlar edip, Owganystanda, Eýranda, Azerbaýjanda, Astrahanda we beýleki ülkelerde bolupdyr [4, 158 s.].

Magtymgulynyň şygyrlarynda beýan edilen parahatçylyksöýüjilik pikirler häzirki wagta çenli öz ähmiýetini ýitirmän gelýär. Bu ajaýyp pikirler umumadamzada degişli häzirki zaman halkara meseleler bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Taryhyň iň täze döwründe dünýäde parahatçylygy, asudalygy saklamak, halklaryň arasynda hoşniýetli, dostluk-doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýup ösdürmek ýaly ýörelgeler uly ähmiýete eýedir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiz dünýä ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli, hoşniýetli gatnaşyklary netijeli ösdürýär. Şu jähetden garanyňda, ýurdumyzyň Russiýa Federasiýasy bilen dostlukly hyzmatdaşlygynyň alnyp barylmagy üns bermeklige mynasypdyr. Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylda döwletleriň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy bellenildi [3, 552 s.].

Russiýa Federasiýasynyň senagat taýdan ösen birnäçe sebitleriniň we şäherleriniň Türkmenistan bilen özara peýdaly gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy we ösdürilmegi işjeň häsiýete geçýär. Moskwa, Sankt-Peterburg, Tatarystan Respublikasy, Astrahan, Swerdlowsk we Çelýabinsk oblastlary bilen köpugurly hyzmatdaşlyk iki ýurduň arasyndaky ykdysady, ylmy-tehniki we medeni gatnaşyklary üstünlikli ösdürmek üçin ýardam edýär.

Türkmenistan Astrahan oblasty bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy alyp barýar. Ýokarda aýdylyşy ýaly, Magtymguly Pyragy Astrahan ülkesine birnäçe gezek syýahat edipdir. Russiýanyň bu sebitinde ildeşlerimiziň asyrlaryň dowamynda milli däp-dessurlaryny saklap ýaşamagynyň özi uly gyzyklanma döredip, dürli ugurlary boýunça aragatnaşyklary giňeltmek üçin düýpli esas bolýar.

Taryhy köklere esaslanýan türkmen-rus dostluk-doganlyk gatnaşyklary Türkmenistanyň we Russiýanyň Prezidentleriniň alyp barýan syýasatlary esasynda has okgunly häsiýete eýe bolýar. Uzak möhletleýin özara bähbitli hyzmatdaşlyk taraplaryň hoşniýetli erk islegleri we tagallalary netijesinde berkeýär we häzirki wagtda hil taýdan täze derejä çykýar. Onuň esasy ugurlaryna söwda, ykdysady, ýangyç energiýa, ulag, aragatnaşyk, oba hojalygy, gurluşyk we beýlekiler degişlidir. Medeni-ynsanperwer ulgam bolsa ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmekde we pugtalandyrmakda wajyp hyzmatyny ýerine ýetirip, döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmagynda galýar.

2002-nji ýylda Aşgabat şäherinde açylan A. S. Puşkin adyndaky bilelikdäki türkmen-rus mekdebiniň alyp barýan işleri bilim ulgamyndaky döwletara hyzmatdaşlygynyň netijeli ösdürilýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Häzirki zaman bilim almak üçin ähli şertler bilen üpjün edilen bu mekdep Hökümetara Ylalaşygyň esasynda döredildi we iki ýurduň bilim ministrlikleri tarapyndan düzülen maksatnamalaryny üstünlikli durmuşa geçirýär. Häzirki wagtda

türkmen-rus mekdebini ýüzlerçe okuwçylar tamamladylar. Uçurymlaryň 95%-i Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň ÝOM-lerinde okuwyny dowam etdirýärler [7, 27 s.].

Ynsanperwer hyzmatdaşlygynyň giňelmeginde Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynyň Priwolžsk raýonynyň Funtowo obasynda gurlan mekdebiniň orny uludyr. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda bina edilen mekdep 2018-nji ýylyň 18-nji maýynda dabaraly ýagdaýda açyldy [8]. Mekdebiň gurluşygy iki ýyl dowam edip, oňa türkmen gurluşykçylarynyň 150-den gowragynyň çeken yhlasly zähmeti siňdi. 190 okuwça niýetlenen iki gatly okuw toplumy beýik türkmen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň adyny göterýär. Mälim bolşy ýaly, 2009-njy ýyldan bäri Astrahanda meşhur şahyryň ýadygärligi dur [2, 207 s.]. Şonda Pyragynyň Watanynda taýýarlanylan ýadygärlik Astrahanyň 450 ýyllygy mynasybetli şähere sowgat berildi we Astrahan döwlet uniwersitetiniň ajaýyp seýilgähinde oturdyldy.

Täze bilim ojagy üçin ýer tötänleýin saýlanmady. Funtowo obasynda Astrahan sebitinde iň köp türkmen kowçumlary ýaşaýar. Dürli taryhy eýýamlarda türkmenleriň Astrahan ilaty bilen gatnaşyklaryň baý tejribesi toplandy. X–XI asyrlarda Itil (Astrahanyň iri şäherleriň biri) köp ilatly şäher bolupdyr. Bu ýerde 10.000-den gowrak musulmanlar ornaşypdyrlar, hatda 30 sany metjit bolupdyr [9, 12–13 s.]. Itilde ýaşan musulmanlarynyň aglaba bölegi Horezm täjirleridir. XVII asyrda Hazarýaka türkmenleriniň uly bölegi Astrahan topragynda mesgen tutupdyrlar. Olaryň nebereleri häzirki wagtda dilini, däp-dessurlaryny saklap Stawropol ülkesinde, şol sanda Funtowo obasynda ýaşaýarlar. Milli Liderimiziň baştutanlygynda bu ýerde bina edilen Magtymguly Pyragy adyndaky täze döwrebap mekdep iki ýurduň we halklaryň arasyndaky däbe öwrülen dostlukly gatnaşyklaryň netijeli ösdürilýändiginiň nobatdaky mysalydyr.

Şeýlelikde, türkmen edebiýatynyň beýik ussady Magtymguly Pyragynyň öz eserlerinde wasp eden agzybirlik, asudalyk, dostlukly gatnaşyklar baradaky garaýyşlary häzirki zaman halkara gatnaşyklary ulgamynda derwaýys meseleleriň biri bolup durýar. Beýik akyldaryň bitewililik we parahatçylyk arzuwlary iň täze taryhy döwründe üstünlikli amala aşyrylýar. Şu nukdaýnazardan garanyňda, taryhy köklerini gadymyýetden alyp gaýdýan türkmen-rus gatnaşyklarynyň dürli ugurlar boýunça üstünlikli ösdürilmegi munuň aýdyň mysaly bolup durýar.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 2009.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 2010.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 2013.
4. *Çakanow H*. Türkmeniň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde Gündogar ýurtlarynyň şöhlelendirilişi. // Magtymguly we dünýäniň ruhy-medeni gymmatlyklary. – A.: Ylym, 2008.
5. *Garifulina A*. Magtymguly Pyragynyň ýaşan döwründäki türkmen edebiýaty we medeniýeti. // Magtymguly we dünýäniň ruhy-medeni gymmatlyklary. – A.: Ylym, 2008.
6. TYAYE we GPA, g.40, ýaz. 04/1, iş 61.
7. Diýar. – 2013. – № 7.
8. Türkmenistan. – 2018. – 19 maý.
9. Материалы по истории Узбекской, Таджикской и Туркменской ССР. – Л.: Изд-во Академии наук СССР, 1933.

**Pena Çaryýew**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň aspiranty.*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ «BERKARAR DÖWLET» IDEÝASYNYŇ ÖWRENILIŞ TARYHYNDAN

Magtymgulynyň döredijiliginde «Berkarar döwlet ideýasy» onlarça ýyllyk taryhy öz içine alýar. Meseläniň wagt taýdan ilkinji beýany halk rowaýatlarynda duşýar. Ygtybarly şol rowaýatlaryň birinde şahyryň türkmen taýpalarynyň arasyndaky agzalalyga, oňşuksyzlyga, hatda duşmançylyga gynanyp, ýanyny ýere berenligi hem-de şol keselden aradan çykanlygy aýdylýar [3, 53 s.]. Bu maglumat şahyryň agzybirlik, birleşmek ideýalarynyň sebäpleri we ähmiýeti barada hemişe halkyň oýlanyp gezendigini görkezýär. Ylmy kitaplaryň maglumatlaryna geçsek, 1863-nji ýylda A.Wamberi özüniň meşhur kitabynda şeýle ýazypdyr: «...onuň (Magtymgulynyň) kitaby türkmenler arasynda entek-entekler Kurandan soňky ikinji orunda galar. Eýsem-de bolsa, biziň üçin Magtymgulynyň şygyrlar diwany türkmen diliniň arassa nusgasyny özünde saklaýandygy, içindäki şygyrlaryň mazmuny taýdan bolsa bedewleri idetmek düzgünlerini, at-ýarag we söweş hakynda gürrüň berýändigi bilen gyzyklydyr, bu aýratynlyklar gündogar halklarynyň edebiýatynda juda seýrek duş gelýär» [6, 240 s.]. Şahyryň döredijiliginiň watançylyk we gahrymançylyk pafosy barasynda XIX asyryň 40-njy ýyllarynda A.Hodzko, şol asyryň 70-nji ýyllarynda A.Berezin ýaly alymlar hem ýazypdyrlar. XIX asyryň ahyrlarynda, XX asyryň başlarynda akademik W.W.Bartoldyň